#20
понедельник, 14 декабря 2020 года

Интернет газета
Международные новости

Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана



# THE INTERNATIONAL CONFERENCE DEDICATED TO THE 25TH ANNIVERSARY OF PERMANENT NEUTRALITY OF TURKMENISTAN WAS CROWNED WITH SUCCESS

On December 12, that is on the International Day of Neutrality Turkmenistan hosted the International Conference "Policy of Neutrality and its importance in ensuring international peace, security and sustainable development." This meeting was convened in honor of the 25th anniversary of permanent Neutrality of Turkmenistan.

The President of Turkmenistan Gurbanguly Berdimuhamedov initiated the organization of the Conference and participated to the solemn session of the event.

The Conference was attended by the leadership of Mejlis, Deputy Chairmen of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, heads of the ministries and departments of the country, chiefs of the diplomatic missions and representations of international organizations in Turkmenistan, rectors of the higher educational institutions of Turkmenistan, heads and representatives of local mass media, as well as the accredited foreign press.

The opening speech was made by the President of Turkmenistan. The head of state thanked the participants for participation and underlined the vital role of international cooperation with countries and international organizations for the sake of peace, stability and sustainable development in the region and beyond. He explained that neutrality does not prescribe staying from the world affairs. On the contrary neutrality calls for unification and peaceful collaboration, while respecting each other's sovereignty, rights, interests and views.

The participants heard the video statements of the UN Secretary General António Guterres, OIC Secretary General Dr. Yousef Bin Ahmad Al-Othaimeen, Chairman of the Executive Committee - CIS Executive Secretary Sergei Lebedev, SCO Secretary General Vladimir Norov, and UNESCO Director General Audrey Azoulay.

In his speech, Mr.António Guterres stressed the active and positive role of Turkmenistan in promoting peaceful, friendly, mutually beneficial relations between the countries of the Central Asia and beyond.

Dr. Yousef Bin Ahmad Al-Othaimeen underlined the importance of the efforts of Turkmenistan in resolving international issues through peaceful dialogue.

In his speech, Mr. Sergei Lebedev emphasized that the adoption of the UN General Assembly Resolution on permanent Neutrality of Turkmenistan by unanimous support of the Member States serves as a proof recognition of peaceful foreign policy of Turkmenistan.

The Shanghai Cooperation Organisation's Secretary General Vladimir Norov underlined in his speech that the status of permanent Neutrality fortifies the reputation of Turkmenistan on the world arena as a country that strives to promote mutually beneficial cooperation between all the states and nations.

In her speech, UNESCO Director General Audrey Azoulay stressed the importance of neutrality in resolving the global issues through peaceful means and culture of peace.

The Conference was also enriched with the speeches of the UN Secretary General's Special Representative for Central Asia, the Head of the UN Regional Center for Preventive Diplomacy for Central Asia Natalya Gherman, the Head of the OSCE Center in Ashgabat Natalya Drozd, as well as the Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Russian Federation to Turkmenistan Alexander Blokhin. They highly appraised the values embedded in the notion of permanent neutrality that is observed by Turkmenistan. The speakers highlighted that Turkmenistan proves in practice that neutrality, peacefulness and good-neighborliness have been and remain the basis of its foreign policy.

The participants had a similar vision of the results of the external policy of Turkmenistan thriving on the permanent neutrality concept.

After the main session, the International Conference continued in plenary sessions in the institutions of higher education of Turkmenistan. Each session was attended by the high-ranking officials of Turkmenistan, heads of representative offices of international organizations in Turkmenistan, students and mass media. The representatives of international organizations participated to the plenary sessions through videoconferencing.

There were seven sessions. One session was entitled as "the Role of Neutrality in Strengthening Peace and Security." It was attended by the Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov, Rector of the Institute of International Relations of MFA of Turkmenistan Jumamyrad Gurbangeldiyev, representatives of international organizations via video communication, faculty and students of the Institute of International Relations of the MFA of Turkmenistan, representatives of mass media.

During this session, the video statements of the Deputy Secretary General of the United Nations, Director General of the UN Office at Geneva Tatiana Valovaya, Director General of the International Atomic Energy Agency (IAEA) Rafael Mariano Grossi, Secretary General of the Inter-Parliamentary Union Martin Chungong, Director of the Conflict Prevention Center of the Organization for Security and Cooperation in Europe (OSCE) in Central Asia Tuula Yrjölä, Diplomat Vladimir Goryaev, Regional Representative of the United Nations High Commissioner for Refugees (UNHCR) for Central Asia Hans Friedrich Schodder, Regional Representative of the United Nations Office on Drugs and Crime (UNODC) in Central Asia Ashita Mittal were heard.

Speakers at the meeting stressed that the status of positive neutrality of Turkmenistan contributes to the strengthening of peace and security at the regional and global levels.

Another session was convened in the International University

*(continuation on the 3rd page).*

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

11-nji dekabrda Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyzyň daşary syýasatynyň meselelerine bagyşlanan Ministrler Kabinetiniň giňişleýin baýramçylyk mejlisini geçirdi. Mejlise Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň agzalary, welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň häkimleri, Türkmenistanyň daşary ýurtlarda işleýän ilçileri çagyryldy.

Döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň bu mejlisiniň taryhy wakanyň we uly baýramyň – Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygynyň öňýanynda geçirilýändigini belledi.

Türkmenistanyň Prezidentiniň belleýşi ýaly, bize bagly bolmadyk kynçylyklara garamazdan, Türkmenistan 2020-nji ýylda hem daşary syýasat işjeňligini peseltmedi. Bitarap döwletimiz beýleki ýurtlar, iri halkara guramalary bilen gatnaşyklaryny yzygiderli giňeltdi hem-de berkitdi. Dürli köptaraplaýyn forumlara işjeň gatnaşyp, başlangyçlar bilen çykyş etdi. Köp sanly möhüm meseleler ara alnyp maslahatlaşylanda we çözülende netijeli teklipleri öňe sürdi.

Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasy, beýleki abraýly halkara we sebit düzümleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň toplanan tejribesine esaslanýar. Ikitaraplaýyn derejede dostlukly hyzmatdaşlyk gatnaşyklary alyp barýar. Şu ýyl Türkmenistan döwletimiz BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisiniň Başlygynyň orunbasarlygyna saýlandy. Mundan başga-da, Türkmenistan bu Guramanyň Ilat we ösüş Komissiýasynyň hem-de Bütindünýä azyk maksatnamasynyň Ýerine ýetiriji geňeşiniň agzasy hökmünde işe başlady. Şeýle hem, şu ýyl biziň ýurdumyz BMG-niň ençeme möhüm düzümlerine, ýagny Ylym we tehnika boýunça, Durmuş ösüşi boýunça hem-de Neşe serişdeleri boýunça komissiýalaryna biragyzdan saýlandy.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedow Daşary işler ministrligine Birleşen Milletler Guramasynyň ugry boýunça alnyp barylýan işleri güýçlendirmegi hem-de Türkmenistanyň Nýu-Ýorkdaky, Ženewadaky we Wenadaky wekilhanalarymyzy tejribeli işgärler bilen berkitmegi tabşyrdy hem-de 2021-nji Parahatçylyk we ynanyşmak ýylyny mynasyp derejede geçirmäge aýratyn üns bermelidigini nygtap, bu başlangyjyň Türkmenistana degişlidigini kanagatlanma bilen belledi.

Şoňa görä-de, onuň çäklerinde ýurdumyzda we daşary ýurtlarda möhüm çäreleri geçirmek boýunça esasy wezipäniň Türkmenistana üstüne düşýändigini belläp, Prezident Gurbanguly Berdimuhamedow Daşary işler ministrligine degişli meýilnamany taýýarlamagy tabşyrdy.

Türkmenistan 2021-nji ýylyň ikinji ýarymynda Aşgabatda lukman alymlaryň halkara forumyny guramagy we onuň dowamynda pandemiýa garşy göreşmekde ähmiýetli bolan ylmy barlaglara we işläp taýýarlamalara seretmegi öňe sürdi.

Milli Liderimiz bilelikdäki üpjünçilik ulgamlary boýunça taslamalary durmuşa geçirmek barada gazanylan ylalaşyklaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmegiň möhümdigini aýdyp, «Owganystan–Türkmenistan–Azerbaýjan–Gruziýa–Türkiýe» ulag geçelgesi («Lapis Lazuli») hakynda 2017-nji ýylda Aşgabatda gol çekilen ylalaşygy iş ýüzünde durmuşa geçirmegi çaltlandyrmak barada görkezme berdi.

Şeýle hem möhüm halkara ähmiýeti bolan «Gazagystan–Eýran–Türkmenistan», «Kerki–Ymamnazar–Akina (Owganystan)» demir ýollaryny, Amyderýanyň üstünden geçýän demir ýoluny we awtomobil köprülerini doly güýjünde ulanmak, «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan–Hindistan» gaz geçirijisi, «Türkmenistan–Owganystan–Pakistan» elektrik geçiriji we optiki-süýümli aragatnaşyk ulgamlarynyň gurluşygyny hem ýokary depginlerde alyp barmak möhüm wezipeleriň hatarynda durýar diýip, döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Daşary işler ministrligine Türkmenistanyň milli bähbitlerini we Merkezi Aziýa döwletleri bilen ileri tutulýan hyzmatdaşlyk meselelerini nazara alyp, 2021-nji ýylda sebitiň her bir döwleti bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmek hakyndaky teklipleri taýýarlamak, şeýle hem beýleki döwlet edaralary bilen bilelikde, Milli Aral maksatnamasyny işläp düzmek hem-de 2021-nji ýylyň birinji çärýeginde seretmek üçin Türkmenistanyň Hökümetine hödürlemek tabşyryldy.

Hormatly Prezidentimiz daşary syýasatyň esasy ugurlarynyň üstünde durup geçmek bilen, Russiýa Federasiýasynyň we Hytaý Halk Respublikasynyň Ýewraziýada Türkmenistanyň strategik hyzmatdaşlary bolup durýandygyny belledi. Bu döwletler bilen ähli ugurlar boýunça – syýasatda, ykdysadyýetde we söwda, medeni-ynsanperwer ulgamlarda gatnaşyklary dowam etdiriler.

Bu meselede Gündogar–Günbatar we Demirgazyk–Günorta ugurlary boýunça kontinental hyzmatdaşlygyň meýilnamalaryny durmuşa geçirmäge aýratyn ähmiýet bermeli diýip, milli Liderimiz Hazar deňzindäki port üpjünçilik ulgamlarymyzy peýdalanmak bilen, ýurdumyzyň çäkleriniň üstünden ulag-üstaşyr geçelgelerini döretmegiň möhümdigini belledi.

Geçen ýyl Türkmenbaşy şäherinde birinji Hazar ykdysady forumy üstünlikli geçirildi, onda uly ähmiýeti bolan ylalaşyklar gazanyldy. Geljek ýyl bolsa, ýurdumyzda ýokary derejedäki altynjy Hazar duşuşygyny geçirmek göz öňünde tutulýar. Şunuň bilen baglylykda, bu çärä gowy taýýarlyk görmegiň gerekdigini bellemek bilen, döwlet Baştutanymyz Daşary işler ministrligine bu möhüm halkara forumyny ýokary derejede guramak hem-de geçirmek boýunça işlere häzirden girişmegi tabşyrdy.

Häzir Türkmenbaşynyň Halkara deňiz porty bilen Bakuwyň halkara deňiz söwda portunyň arasynda yzygiderli parom gatnawy alnyp barylýar. Şeýle hem, Gazagystanyň Aktau halkara deňiz söwda porty we Kuruk deňiz porty bilen özara gatnawlary ýola goýmak barada gepleşikler geçirilýär.

Russiýaly hyzmatdaşlarymyz bilen Astrahan şäherinde Logistika merkezini açmak meselesi ara alnyp maslahatlaşylýar. Kazan şäherinde hem Türkmenistanyň Söwda öýüni açmak göz öňünde tutulýar. Şeýlelikde, Russiýanyň Baltika deňzindäki portlaryna we soňra Ýewropa çykmak bilen, Hazar deňzi – Wolga derýasy ugry boýunça ulag gatnawlarynyň geljegi uly bolan taslamasy düzülýär.

Şunuň bilen baglylykda, Daşary işler ministrligine degişli döwlet edaralary bilen bilelikde gazagystanly we russiýaly kärdeşleri bilen bu ugurda guramaçylyk hem-de beýleki meseleleri çözmegi tamamlap, hyzmatdaşlygyň iş ýüzündäki tapgyryna girişmek tabşyryldy.

Hazar deňzi – Gara deňzi halkara ulag geçelgesini döretmek hem-de amala aşyrmak hakyndaky dörttaraplaýyn hökümetara Ylalaşygynyň taslamasy boýunça işleri dowam etmek esasy ugurlaryň hatarynda görkezildi. Türkmenistan bu geçelgäni döretmek başlangyjy bilen Azerbaýjan, Gruziýa hem-de Rumyniýa bilen bilelikde çykyş etdi.

Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti Türkmenistanyň daşary syýasatynyň örän möhüm ugry bolup durýar. Bu sebit çalt depginler bilen ösýär hem-de ähli dünýä ykdysadyýetiniň we söwdasynyň hereketlendiriji güýjüne öwrülýär.

Ýaňy-ýakynda Wýetnamyň paýtagty Hanoý şäherinde Günorta–Gündogar Aziýa döwletleri Assosiasiýasynyň (ASEAN), şeýle hem Hytaýyň, Koreýa Respublikasynyň, Ýaponiýanyň we Täze Zelandiýanyň baştutanlarynyň dünýäde örän uly erkin söwda birleşigini döretmek baradaky Ylalaşyga gol çekendigini, Aziýa–Ýuwaş ummany sebitiniň döwletlerini birleşdirýän beýleki ykdysady guramalaryň çäklerinde hem möhüm çözgütleriň kabul edilýändigini bellemek bilen, milli Liderimiz sebitiň ýurtlarynda ýerleşýän ilçihanalarymyzyň bu resminamalary düýpli öwrenmelidigini tabşyrdy. Türkmenistanyň şol birleşikler bilen hyzmatdaşlyk etmegi üçin olaryň işläp taýýarlaýan taslamalaryna we meýilnamalaryna gatnaşmagyň görnüşi barada maslahatlary we teklipleri bermelidigini aýtdy.

Hormatly Prezidentimiz Ýewropa Bileleşigi bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny giňeltmäge aýratyn üns berip, bu hyzmatdaşlygyň ugurlarynyň köp görnüşli hem-de ikitaraplaýyn gyzyklanma döredýändigini belledi. Olaryň hatarynda Merkezi Aziýada we ýanaşyk sebitlerde parahatçylygy hem-de howpsuzlygy goldamak, Durnukly Ösüş Maksatlaryny ýerine ýetirmek, ulag, ekologiýa, suw serişdelerini peýdalanmak meseleleri bar.

Döwlet Baştutanymyz, Ýewropa Bileleşigini energetika hyzmatdaşlygyna has işjeň çekmegiň üstünde

*(Dowamy 2-nji sahypada).*

Интернет газета
Международные новости

# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ GIŇIŞLEÝIN MEJLISI

*(Başlangyjy 1-nji sahypada).*

hem netijeli işleri alyp barmagy tabşyrdy. Bu ugurda ozaly bilen, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň Türkmenistanyň başlangyjy boýunça kabul eden rezolýusiýalary mynasybetli energiýa howpsuzlygyny we ýangyç serişdelerini ibermegiň ygtybarlylygyny üpjün etmäge gönükdirilen anyk taslamalary durmuşa geçirmeli. Biziň bu başlangyçlarymyz Ýewropa Bileleşigi tarapyndan yzygiderli goldanyp gelinýändir.

Bu ugurda biziň strategik maksatlarymyz we bähbitlerimiz laýyk gelýär hem-de şu mümkinçilikden peýdalanmalydyrys. Bu mesele boýunça maksada gönükdirilen gatnaşyklary Merkezi Aziýa – Ýewropa Bileleşigi görnüşiniň çäklerinde hem alyp barmalydyrys diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow kanagatlanma bilen belledi.

Türkmenistanyň hyzmatdaşlygynyň Ýewropa ugry barada aýdylanda, döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy bilen köpýyllyk hem-de netijeli gatnaşyklaryny aýratyn belledi. Bu Guramanyň işiniň syýasy, ykdysady we ynsanperwer taraplary Türkmenistanda amala aşyrylýan taslamalar we maksatnamalar kesgitlenende biziň üçin ileri tutulýan ugurlar bolup durýar.

Birnäçe hepde mundan öň biz özüne ileri tutulýan 68 taslamany birleşdirýän, Türkmenistanyň Hökümeti bilen Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň 2021-nji ýyldaky hereketleriniň nobatdaky Maksatnamasyny tassykladyk. Milli Liderimiz Daşary işler ministrligine bu resminamanyň ýerine ýetirilmegini, şeýle hem geljek ýylyň dowamynda bu Guramanyň degişli düzümleri bilen howpsuzlyk, ulag meselesi, howanyň üýtgemegi ýaly ugurlar boýunça geçirilýän işleri güýçlendirmegi tabşyrdy.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary Türkmenistanyň möhüm söwda-ykdysady we daşary-syýasy hyzmatdaşlarydan biri bolup durýar. Biz bu ýurt bilen sebit howpsuzlygyny, möhüm howplara hem-de wehimlere garşy göreşmek meselelerinde we ençeme beýleki ugurlar boýunça hyzmatdaşlyk edýäris diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam etdi.

Iri amerikan kompaniýalary ulag, ýangyç-energetika toplumy, elektrik geçiriji ulgamlary gurmak we telekommunikasiýalar, programma üpjünçiligi, azyk we derman senagaty hem-de beýleki ähmiýetli ugurlar boýunça türkmen bazarynda öňden bäri üstünlikli işläp gelýärler.

Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen hyzmatdaşlyk etmekde Türkmen-amerikan işewürler geňeşine aýratyn ähmiýet berilýär. Bu Geňeş işläp gelýän 12 ýylynyň içinde ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmegiň täsirli guralyna öwrülip, ýurtlarymyzyň işewür düzümleriniň arasynda gatnaşyklary ýola goýmagyň, ösdürmegiň hem-de berkitmegiň, hyzmatdaşlygyň geljegi uly bolan ugurlaryny bilelikde gözlemegiň netijeli usuly boldy.

Geljekde bu düzümiň işine özara haryt dolanyşygyny artdyrmaga hem-de diwersifikasiýalaşdyrmaga, bilelikdäki iri taslamalary amala aşyrmaga gönükdirilen täze, hil taýdan netijeli itergi bermelidir.

Türkmenistanyň Ýakyn we Orta Gündogar döwletleri bilen ysnyşykly taryhy, ruhy we medeni gatnaşyklar birleşdirýär diýip, milli Liderimiz sözüni dowam etdi. Häzirki döwürde şu günki günüň hakyky ýagdaýlaryny nazara almak bilen, bu gatnaşyklary anyk işler bilen baýlaşdyrmak wezipesi öňde durýar. «Biz bu ýurtlara ykdysadyýetde, söwdada, maýa goýumlarynda, ulag meýilnamalaryny durmuşa geçirmekde geljegi uly bolan hyzmatdaşlarymyz hökmünde garaýarys» diýip, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow belledi.

Şunuň bilen baglylykda, biziň diplomatiýamyz Eýran Yslam Respublikasynyň, Oman Soltanlygynyň, Katar Döwletiniň, Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň Hökümetleriniň arasynda halkara ulag we üstaşyr geçelgäni döretmek hakynda Aşgabat Ylalaşygyny amala aşyrmak boýunça özara işjeň hereket etmelidigi nygtaldy.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Afrika we Latyn Amerikasy ugurlarynda hem belli bir netijeler gazanylandygyny belledi. Afrika birleşigi bilen gatnaşyklar ýola goýuldy. Latyn Amerikasy döwletleri bilen hyzmatdaşlyk etmegiň hem mümkinçilikleriniň uludygyny kanagatlanma bilen belledi.

Bu bolsa, Birleşen Milletler Guramasynda, Goşulyşmazlyk Hereketiniň ugry boýunça işleri utgaşdyrmak hem-de özara goldawy ýola goýmak üçin oňat esas bolup durýar diýip, döwlet Baştutanymyz Gurbanguly Berdimuhamedow bu ýurtlar bilen özara bähbitli söwda hem-de ykdysady gatnaşyklary gözlemegiň üstünde netijeli işleri alyp barmalydygyny aýtdy.

Türkmenistan özüniň Bitaraplyk hukuk ýagdaýyny nazara almak bilen, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy we Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly sebitleýin döwletara birleşikleri bilen hem özara bähbitli hyzmatdaşlygy dowam eder.

Şu ýyl Türkmenistan Bütindünýä Söwda guramasynda synçynyň hukuk ýagdaýyna eýe boldy. Şunuň bilen baglylykda, harytlaryň hem-de hyzmatlaryň ähliumumy bazaryna çykmaga, Bütindünýä söwda guramasynyň ygtyýarlyklarynyň çäklerinde tehniki taýdan ýardama hem-de ençeme beýleki artykmaçlyklara şertler döreýär. Şoňa görä-de, biz bu Gurama bilen hyzmatdaşlyk etmäge örän jogapkärli çemeleşmelidiris. Beýleki agza ýurtlaryň tejribesini ünsli öwrenmelidiris. Hormatly Prezidentimiz ýakyn wagt üçin ileri tutulýan iş meýilnamalaryny kesgitläp, olary durmuşa geçirmek barada görkezme berdi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow sözüni dowam edip, geljek 2021-nji ýylda Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň şanly 30 ýyllygyny mynasyp garşylamak bilen bagly biziň öňümizde uly wezipeleriň durýandygyny belledi. Bu ilkinji nobatda, milli baýramymyz bolsa-da, biz oňa halkara ähmiýetini hem bermelidiris. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň gazanan üstünliklerini görkezmelidiris.

Dünýä bileleşiginiň ähliumumy parahatçylygy, durnukly ösüşi berkitmäge saldamly goşant goşýan, hormatly we abraýly agzasyna öwrülendigini subut etmelidiris diýip, döwlet Baştutanymyz Daşary işler ministrligine, biziň diplomatik wekilhanalarymyza tutuş 2021-nji ýylyň dowamynda bu ýubileýe bagyşlanan çäreleri ýokary derejede guramagy hem-de geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz çykyşyny jemlemek bilen, Garaşsyz, Bitarap türkmen döwletiniň öz diplomatik gullugyna geljekde hem uly üns berjekdigini belledi. Bu gullugyň doly derejede işlemegi, onuň işgärleriniň maddy we durmuş ýagdaýlaryny ýokarlandyrmak, işgärler düzümini berkitmek üçin ähli zerur şertleri üpjün eder.

Döwlet Baştutanymyz hemmeleri Garaşsyz Türkmenistanyň ýetip gelýän Bitaraplyk baýramy bilen tüýs ýürekden gutlap, olara berk jan saglyk, ata Watanymyzyň hatyrasyna alyp barýan jogapkärli işlerinde mundan beýläk-de uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky hemişelik wekili Aksoltan Ataýewa söz berildi.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky doly ygtyýarly wekili ýurdumyzyň milli bähbitlerini berk goramak we abraýly ornuny üpjün etmek barada öňde goýlan wezipeleriň, bu ugurda berlen tabşyryklary ýerine ýetirmek bilen, diplomatik gullugynyň işgärleriniň döwlet Baştutanymyz ähliumumy gün tertibindäki möhüm meseleler boýunça netijeli başlangyçlaryny iş ýüzünde doly amala aşyrmak üçin ähli güýç-gaýratlaryny gaýgyrman işlejekdigine ynandyrdy.

Daşary syýasat strategiýasynda halkara guramalary, ilkinji nobatda bolsa, BMG bilen strategik hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de netijeli alyp barmak wezipesi esasy orny eýeleýär diýip, A.Ataýewa hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň BMG-niň Baş Assambleýasynyň mejlislerinde eden taryhy çykyşlarynyň, öňe süren döredijilikli teklipleriniň dünýä jemgyýetçiliginde uly goldaw tapandygyny we iş ýüzünde durmuşa geçirilýändigini belledi.

Soňky ýyllaryň dowamynda ýurdumyz BMG-niň ýolbaşçy edaralaryna birnäçe gezek saýlandy. 75-nji mejlisde altynjy gezek Baş Assambleýaniň Başlygynyň orunbasary bolup çykyş edýär. Bu iri we abraýly guramanyň ýöriteleşdirilen edaralary bilen hem işjeň hyzmatdaşlyk has-da giňelýär.

A.Ataýewa daşary ýurtlardaky ilçihanalaryň we konsullyk edaralarynyň netijeli işlemekleri üçin hemmetaraplaýyn goldaw berilýändigi, maddy üpjünçilik şertleriniň ýokary derejede we soňky tehnologiýalara laýyk bolmagyna mydama üns berilýändigi üçin türkmen diplomatlarynyň adyndan köp-köp sagbolsun aýtdy.

Türkmenistanyň BMG-niň ýanyndaky doly ygtyýarly wekili milli Liderimizi ýakynlaşyp gelýän baýramçylyk bilen gutlap, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowa berk jan saglyk, uzak ömür hem-de Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistany gülledip ösdürmek we onuň halkara abraýyny mundan beýläk-de artdyrmak babatynda alyp barýan tutumly işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredowa söz berildi.

Wise-premýer, DIM-niň ýolbaşçysy ýurt Baştutanymyza ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň hukuk we maddy-enjamlaýyn binýadyny pugtalandyrmak, işgärleriniň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmak meselelerine uly üns berýändigi üçin tüýs ýürekden hoşallyk bildirdi.

Wise-premýer, daşary işler ministri hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowy Watanymyzyň baky Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygy hem-de Halkara Bitaraplyk güni bilen tüýs ýürekden gutlap, Türkmenistanyň döredijilikli ugruny, milli Liderimiziň sebit we dünýä möçberinde parahatçylygy, howpsuzlygy hem-de durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen oňyn başlangyçlaryny netijeli durmuşa geçirmek üçin mundan beýläk-de ähli tagallalary etjekdiklerine ynandyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow raýatlygy bolmadyk adamlary ýurdumyzyň raýatlygyna kabul etmek boýunça ýerine ýetirilen işler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ynsanperwer ugry Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlaryny biri bolup durýar. Şunuň bilen baglylykda, milli kanunçylygyň hem-de halkara hukugynyň kadalarynyň esasynda ýurdumyzda ýaşaýan ähli adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny we kanuny bähbitlerini goramak hem-de kepillendirmek boýunça anyk çäreler görülýär. 2011-nji ýyldan bäri milli Liderimiziň Permanlary bilen ýurdumyzda ýaşaýan we şol bir wagtyň özünde hiç bir döwletiň raýaty bolmadyk adamlaryň müňlerçesi Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edildi.

Bu ynsanperwer ädimler dünýä jemgyýetçiliginiň öňünde ýurdumyzyň köptaraplaýyn halkara resminamalary, hususan-da, BMG-niň «Bosgunlaryň statusy hakynda», «Apatridleriň statusy hakynda» we «Raýatsyzlygy azaltmak hakynda» Konwensiýalary doly hem-de üstünlikli berjaý edýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň hormatly Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň adalatlylyk we demokratik ýörelgelere esaslanýan syýasatyny mundan beýläk-de durmuşa geçirmek maksady bilen, ýurdumyzyň degişli döwlet edaralary tarapyndan Diýarymyzyň çäklerinde hemişelik ýaşaýan we döwletimiziň raýatlygyna kabul edilmegi baradaky şahsy ýüztutmalary hasaba alnan 2 müň 580 adamyň Türkmenistanyň raýatlygyna kabul edilmegi boýunça işler geçirildi. Raýatlygy almak üçin hödürlenilýän adamlar 19 milletiň wekili bolup durýar.

Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer, daşary işler ministri döwlet Baştutanymyzyň garamagyna Watanymyzyň hemişelik Bitaraplygynyň şanly baýramy hem-de Halkara Bitaraplyk güni mynasybetli raýatlygy bolmadyk adamlary Türkmenistanyň raýatlygyna kabul etmek meselesini hödürledi.

Şunuň bilen bir hatarda, häzirki wagta çenli daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk adamlaryň 3 müň 119-syna ýurdumyzda ýaşamak üçin ygtyýarnama berildi. Türkmenistanyň Prezidentiniň alyp barýan içeri we daşary syýasatyndan ugur alyp, degişli ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralar tarapyndan degişli hasaba alnan ýüztutmalar esasynda bu ugurda işler yzygiderli alnyp barylýar.

Döwlet Baştutanymyzyň garamagyna 11 döwletiň raýatlary hem-de 31 milletiň wekilleri bolup durýan adamlaryň 874-sine Türkmenistanda ýaşamak üçin ygtyýarnamanyň berilmegi barada taýýarlanan teklipler hödürlenildi.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow hasabaty diňläp hem-de beýan edilen teklipleri makullap, degişli Permana we Karara gol çekdi hem-de wise-premýere, daşary işler ministrine olary ýerine ýetirmek boýunça degişli çäreleri görmegi tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz mejlisiň barşynda öz ýhlasly, zähmeti we bilimi bilen Garaşsyz döwletimiziň Bitaraplyk syýasatyny amala aşyrmaga işjeň gatnaşan adamlary ýubileý medaly bilen sylaglamak hakyndaky Permana gol çekdi.

Hormatly Prezidentimiz Ministrler Kabinetiniň giňişleýin baýramçylyk mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, abadan we bagtyýar durmuş, eziz Watanymyzyň mundan beýläk hem gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

Ministrler Kabinetiniň giňişleýin mejlisiniň çäklerinde hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowy döwlet sylaglary bilen sylaglamak dabarasy hem boldy.

Döwlet Baştutanyny Türkmenistanyň «Bitaraplyk» ordeni hem-de «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglamak hakynda ýurdumyzyň Mejlisiniň Kararyny yglan etmek üçin parlamentiň Başlygy G.Mämmedowa söz berildi.

Watanymyzyň täze taryhy, durmuş-ykdysady ösüşde gazanylan üstünlikler, ýurdumyzyň artan halkara abraýy döwlet Baştutanymyzyň ady hem-de beýik işleri bilen üznüksiz baglydyr. Mähriban halkymyz çärýek asyr bäri hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda asuda asmanymyzyň astynda agzybirlikde, dünýä döwletleri we halklary bilen dost-doganlyk gatnaşyklarynda ýaşaýar, zähmet çekýär, gurýar we döredýär.

Hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň oýlanyşykly içeri we daşary syýasaty ýöretmegi netijesinde bu döwürde Türkmenistan dünýäniň ösen döwletleriniň hataryna goşuldy, parahatçylyk döredi ýurt hökmünde bütin dünýäde giňden ykrar edildi. Munuň özi halkymyzda guwanç we buýsanç duýgularyny döredýär.

Jemgyýetimizde syýasy durnuklylygyň we agzybirligiň, ýurdumyzy durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek üçin amatly daşarky şertleriň üpjün edilmegi mukaddes Garaşsyzlygymyzyň we hemişelik Bitaraplyk syýasatymyzyň gazanan beýik üstünlikleriniň biridir. Hormatly Prezidentimiziň döredijilikli ugry we öňe sürýän möhüm başlangyçlary dünýä giňişliginde giň goldawa eýe bolýar hem-de ýurdumyzyň halkara abraýynyň has-da artmagyna ýardam edýär.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe Garaşsyz döwletimiziň mizemez syýasy, ykdysady we hukuk esaslaryny bitaraplyk ýörelgelerine laýyklykda berkitmek, dünýä döwletleriniň hem-de halkara guramalarynyň arasynda ýola goýlan köptaraplaýyn özara gatnaşyklary ösdürmek işine goşan ägirt uly şahsy goşandy, jemgyýetiň we halkyň öňünde bitiren aýratyn hyzmatlary göz öňünde tutulyp, hormatly Prezidentimiz Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň «Bitaraplyk» ordeni hem-de Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygy mynasybetli «Türkmenistanyň Bitaraplygynyň 25 ýyllygyna» atly Türkmenistanyň ýubileý medaly bilen sylaglanyldy.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyza Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygy mynasybetli ulanyşa goýberilen milli manadymyz, halkymyzyň süýjüliginden toý paý hem berildi.

Milli Liderimiz sylaglar we gutlag sözler üçin tüýs ýürekden minnetdarlyk bildirip, Berkarar döwletimiziň Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygy mynasybetli özüne gowşurylan döwlet sylaglary bolan «Bitaraplyk» ordenini we ýubileý medalyny, şeýle hem Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygy mynasybetli ulanyşa goýberilen milli manadymyzy, ata-babalarymyzdan gelýän däp-dessurlarymyza eýerip berlen türkmen toý süýjüligini, ilkinji nobatda, bu sylaglaryň ählisini türkmen halkymyza berlen sylag hökmünde kabul edýändigini aýtdy.

